# Puluñ ýesiri

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Puluñ ýesiri PULUÑ ÝESIRI

Islendik adamy umuman alanda ýeri gelende biraz okuwçy, birazam mugallym hasaplap bolar. Ilki bilen çagalaryna durmuş sapagyny bermäge çalyşýan ene-atany alyp göreliñ. A mugallym bolsa, bu işi hünär edinen we bu boýunça hünär taýýarlygyny geçen adamdyr. Jemgyýetleri mugallymlar bina edýär diýilýär, men bolsa häzir muña başga bir nukdaýnazardan seretmek isleýärin. Käte bu barada oýlananymda meni, öz elimiz bilen gepe-söze düşmez mahluklary ösdürip ýetişdirýän ýaly duýgy gaplaýar. Häzir biziñ sagymyzy-solumyzy maddy bähbitleri araýan, garşysyndaky adamyñ peýdasyny nähili görýän bolsa şoña görä-de dostsyraýan, özüne gerek wagty nähili ýaýaplamalydygyny oñarýan, diñe özüni bilýän täze nesil frankşteýnler doldurdy.
Käte hiç hili bähbidimiz bolmasa-da, bir çetde galan, eliñizi uzatmasañ öñe bir ädim ätmäge ýagdaýy ýok kişilere goldaw berýäris, ugur-ýol görkezýäris, maddy we ruhy taýdan goldaýarys. Soñ bir gün gelýär welin, beýläñe öwrülenden ýañky goldap ýerden galdyran adamlaryñ üýşüp kyn günde özlerine el uzadan adamy ýok etmäge çalyşýarlar.
Siziñ gurmakçy bolýan we aslynda olaryñ münen şahasyny hiç bir hukuga eýe bolmazdan sizden almaga çytraşýarlar. Mukaddeslik diýen zady bolmadyk, ruhy dünýäsi ölen, kalbynda watanyna-da, halkyna-da nam-nyşan söýgüsi ýok bu adamlar iñ ýakyn adamyny-da pul we wezipe üçin satmaga taýýardyr. Olar agzyna atan lukmalaryny doly ýuwutmanka siziñ beren puluñyza gapydan gapa ylgap, sizi ýamanlamakdan ýaña öwrenen bolgusyzlyklary üçin pul gazanmakdan zerre ýaly utanç duýanoklar. Olaryñ şahsy durmuşynda-da şobir zatlar gaýtalanýar. Olar ýanýoldaşlaryna, ýakyn hossarlaryna, maşgalalaryna garşy-da rehim-şepagatsyz we sabyr-takatsyzdyr. Şular ýaly adamlar ylmy karýeralarynyñ bir ujundan gireninden ýüzüñize gönüläp: «Siziñ kürsüñizde gözüm

bar» diýip bilýärler.
Arzuwlaýan ýerlerinde oturmak üçin nijeme ýollary geçmek, zähmet çekmek, tejribe edinmek, pul harçlamak olar üçin hökmany zat däl. Bular ýaly adamlar bilen hiç zady düzedip bolmaýar. Meselem siz, bular ýaly adamlar bilen Çanakkalede duşmana garşy bile söweşip bilmersiňiz. Siz olara bäş manadyny sowduryp, iň ýakyny açlykdan ölýänem bolsa ýeke döwüm çörek aldyryp bilmersiňiz. Şu tetelli adamlaryň köpelen jemgyýetinde ne öndürijiligi, ne ylym-bilimi, ne döredijiligi, ne medeniýeti ösdürip bolar.
Ynha, sözümiň hut şu ýerinde-de, şuňa ünsi çekesim gelýär: Biz bu adamlary ösdürip ýetişdirende näme etmesiz işleri etdikkä? Biz olary adam edip ýetişdireliň, watana, halka peýdaly adamlar bolup ýetişsin diýip hallan atýarkak, iýen çörekleri olary mutasiýa uçratdymyka?
Meniň pikirimçe, XXI asyryň iň uly howpy, iň uly kesel diagnozy: PULUŇ ÝESIRI.
Hususanam biziň ýurdumyzdaky ýaly iki medeniýetiň arasynda germesatan bolup galanlar ukyp-başarnyklary bilen ýetesleri gelýän arzuw-hyýallarynyň arasyndaky aşylmasy kyn menziller ara düşensoň ruhlaryny ap-aňsatja ilkinji bolup hyrydar çykan müşderä satyp goýberýärler. Ynha, hut şol sebäpli-de biziň başymyza bir topar bela-beterler inýär. Bu adamlar pula, wezipä, çine alyp barýan her ýoldan ýöräbermelidir öýdýärler. Bulara işime päsgel berýär diýip iň ýakynyna rowa görülmejek ýamanlygy etmek, mugallymynyň aýagynyň aşagyny gazmak, ýanýoldaşyndan geçmek, ene-atasyndan ýüz öwürmek, doganyna sähelce zady bahana edip azgyrylmak we ondan pulumy gysganmak ýaly ýaramazlyklar hem girýär.
Bu adamlardan utanmak, uýalmak ýaly zatlary tama-da edip oturmaň. Aý garaz, näme diýseň bärden gaýdýar. Pikirimizi hasam çuňlaşdyryp tom-tom kitap ýazybam bilerdik. Gep onda däl. Gep başga zatda, gadyrdanlar. Men muny özümden hemişe soraýaryn: Biz nirede ýalňyşdyk? Ýeri, indi biz bu ýalňyşlygymyzy täzeden sagdyn jemgyýeti berkarar etmek üçin nädip düzedip bileris?
Çünki, gynansak-da galyň milleti syrtlan sürüleri basyp

alypdyr. Her öňýetenem awyň ugrunda. Olary nädip seljermeli diýýän bolsaňyz, onda meni üns berip diňläň. Olar – iň ýakynlarynyň, mugallymlarynyň, howandarlarynyň, maşgalalarynyň, hatda ýanýoldaşlarynyň hem aýagyna palta urup bilýänlerdir. Olaryň kesel derejesine ýeten husytlyklary we işýakmazlyklary hem bardyr. Üns berseňiz, töweregimizde şolardan kän zat ýok. Biziň ýurdumyzyň iň uly meselesi-de şu bolsa gerek. Her näçe döwürler çalşyp dursa-da adamçylygyň, terbiýäniň pese gaçmagynyň sebäbi şunda. Hiç hili mukaddesligi bolmadyk pulуň ýesirine öwrülen täze nesil ýetişdi.
Sözüň doly manysynda we hiç bir tamakinçiliksiz peýdaly zatlary öwretmäge ukyply hemmeleri hormatlamak bilen:

Professor Nazan Apaýdın DEMIR.

24.21.2018 ý, Mugla. Jemgyýetçilik tankydy